**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2023-nji ýylyň 26-njy oktýabryndaky №89-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№19-saglyk "Göwrelilere, dogumdaky we täze doguran aýallara saglygy goraýyş kömegi barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

## GOLLANMA

№19-saglyk döwlet statistiki hasabatlylygyň formasynyň eneler we çagalar hassahanalarynyň, etrap hassahanalarynyň ähli çaga dogruş bölümleri, ähli oba saglyk öýleri (eger olar göwrelilere gözegçilik edýän bolsalar), ylmy-kliniki merkezler (düzüminde akuşer-ginekologiki bölümleri ýa-da maşgala reproduktiw saglygy bölümleri bolanlary).

## 1 BÖLÜM. EDARANYŇ HYZMAT EDIŞ TÖWEREGINDE ÝAŞAÝAN GÖWRELILERIŇ KONTINGENTI

1-nji bölümi doldurmak üçin maglumat «Göwreli we täze doguran aýalyň hususy kartasyndan» (forma № 111/h) alynýar.

1-nji sütünde hasabat ýylynyň başynda edaranyň gözegçiliginde duran göwrelileriň sany görkezilýär. 2, 3-nji sütünlere hasabat ýylynda aýallara maslahat beriş edaranyň gözegçiligine düşen göwreliler baradaky maglumatlar girizilýär. 2-nji sütüniň görkezijileri 3-nji sütündäki görkezijilerden artyk bolmalydyr, bu bolsa göwreliligi 12 hepdeden geçip, gözegçilige gelenleriň hasabyna. 4-nji sütünde öň başga saglyk edaralarynyň gözegçiliginde bolup soňra bu edaranyň gözegçiligine geçen (ýa-da geçirilen) we göwrelilik möhletiniň ahyryna çenli gözegçilikde bolan göwreliler baradaky maglumat görkezilýär we 2-nji we 3-nji sütüne goşulmaýar. 5-nji sütünde edaranyň gözegçiliginden beýleki edaralaryň gözegçiligine çykan göwrelileriň sany görkezilýär.

6, 7, 8-nji sütünlerde ýylyň başynda gözegçilikde bolan we ýylyň dowamynda gözegçilige düşen aýallaryň göwreliliginiň netijesi baradaky maglumatlar görkezilýär. 6-njy we 7-nji sütünlerde göwreliligi dogum bilen tamamlananlar, şolardan 6-njy sütünde öz wagtynda çaga dogurmak bilen gutaran aýallaryň sany, 7-nji sütünde wagtyndan öň (37 hepdä çenli) çaga doguran aýallaryň sany. 8-nji sütünde göwreliligi çaga düşmesi (özbaşdak ýa-da saglygy goraýyşynyň görkezmesi boýunça) bilen tamamlanan aýallaryň sany görkezilýär. 9-njy sütünde hasabat ýylynyň ahyrynda edaranyň gözegçiliginde duran göwrelileriň sany görkezilýär. 9-njy sütündäki san 1, 2, 4-nji sütünlerdäki sanlarynyň jeminden 5, 6, 7, 8-nji sütünlerdäki sanlaryň jemini aýyrmak bilen çykarylýar.

## 2 BÖLÜM. GÖWRELILIK DÖWRÜNDE DÖRÄN AÝRATYN KESELLER

2-nji bölümde aýallaryň göwrelilik öň ýa-da şu göwrelilik wagtynda takyklanan (ekstragenital) keselleri baradaky maglumatlar görkezilýär, ýagny keselleriň beterleşmegi göwreliligi agyrlaşdyrýan bolsa ýa-da ol keseller akuşer kömegini bermegiň esasy sebäbi bolup durýan bolsa.

01-nji setirde gipertoniýasyz geçýän böwrek keselleri (09-njy setirdäki gipertenziw bozulmalary aýyrmak bilen) we peşew-jyns ýollarynyň hem-de böwrekleriň ýokançlary, jyns ýollary bilen geçýän uretrit, uretral sindromy görkezilýär.

02-nji setirde aýallaryň göwrelilik wagtynda gan aýlanyş ulgamynyň keseli baradaky maglumat görkezilýär.

03-nji setirde süýji keseli baradaky maglumat görkezilýär, şolardan göwrelilik wagtynda ilkinji ýüze çykan gestasion süýjüli diabet 04-nji setirde aýratyn görkezilýär.

05-nji setirde göwreli aýallarda galkan görnüşli mäziniň keseli baradaky maglumat görkezilýär.

06-njy setirde diňe II-III derejeli gan azlyk baradaky maglumat görkezilýär (göwrelilik döwründe gan gitmesi sebäpli döreýän ganazlyk girizilmeýär).

07-nji setirde ganyň lagtalanmagynyň bozulmagy, ýagny afibrinemiýa, gipofibrinogenemiýa, giperfibrinoliz bilen baglanyşykly dogumdan öňki gan akmalar baradaky maglumatlar görkezilýär.

08-nji setirde Göwrelilikdäki wenoz gaýra üzülmeler baradaky maglumatlar görkezilýär.

09-njy setirde göwrelilik, dogum we dogumdan soňky döwürde çişler, proteinuriýa we gipertenziw bozulmalary anyklanan göwreliler baradaky maglumat berilýär, şolardan preeklampsiýa -10-njy, eklampsiýa- 11-nji sütünlerde aýratyn görkezilýär.

## 3 BÖLÜM.
## ÝATYMLAÝYN BEJERIŞ EDARADA KABUL EDILEN DOGUMLAR BARADA MAGLUMATLAR

3-nji bölümi doldurmak üçin maglumat “Ýatymlaýyn bejeriş edaralarynda dogrumlaryň ýazgy depderçesinden” (010/h) alynýar we çaga dogurylýan bölümden başga ýerde bolan dogrumdan soň bölüme kabul edilen aýallar barada maglumat “Göwreli, dogrumdaky we doguran aýallaryň kabul edilişiniň hasaba alnyş depderçesinden” (002/h) alynýar.

3.1 bölümçede ýatymlaýyn bejeriş edarada göwrelilere we çaga doguryanlara saglygy goraýyş kömeginiň berilişi baradaky maglumatlar görkezilýär. Hassahanada kabul edilen dogumlaryň sanynyň jemi 01-nji setirde, şolardan oba ýaşaýjylaryndan dogumlar 02-nji setirde aýratyn görkezilýär. Şolardan başga, çaga dogurylýan bölümden başga ýerde bolan dogumlaryň sany 03-nji setirde görkezilýär. Hassahanada kabul edilen dogumlaryň umumy sanyndan (01-nji setir) kadaly geçen dogumlaryň sany 04-nji setirde görkezilýär. Umumy dogumlaryň sanyndan köp düwünçekliler 05-nji setirde, şol sanda ekizler 6-njy, üçemler 7-nji, dört we ondan köp 08-nji setirde görkezilýär.

3.2 bölümçede hassahanada doguran aýallaryň ýaşy we dogumyň tertibi boýunça bölünişi görkezilýär. 01-nji setirde jemi doguran aýallaryň sany, 02-nji setirde şolardan ilkinji gezek doguran aýallaryň sany,03-nji setirde jemi doguran aýallardan köp doguran (4 dogum we ondan köp) aýallaryň sany görkezilýär. Doguran aýallaryň ýaşlary boýunça toparlara bölünişi : 10-14 ýaşly doguran aýallar – 2-nji sütünde, 15–19 ýaşlylar – 3-nji sütünde, 20–34 ýaşly – 4-nji sütünde, 35-39 ýaşly – 5-nji sütünde, 40 ýaş weondan ýokary ýaşly doguran aýallaryň sany – 6-njy sütünde görkezilýär. 1-nji sütündäki "jemi" san 2–6-njy sütünlerdäki sanlaryň jemine deň bolýar.

3.3 bölümçede kesar kesimi arkaly geçirilen operatiw dogumlar baradaky maglumatlar ýazylýar. 01-nji setirde jemi geçirilen kesar kesimi operasiýalaryň sany, 02-nji setirde şolardan ilkinji gezek geçirilen kesar kesimleriň sany, 03-nji setirde jemi kesar kesimlerinden göwreliligiň 22-33 hepdelik möhletinde geçirilen kesar kesimi operasiýalaryň sany görkezilýär. Jetwelde kesar kesimi operasiýasy geçirilen aýallaryň ýaşlary boýunça toparlara bölmek göz öňünde tutulýar: 20 ýaşa çenli – 2-nji sütünde, 20–34 ýaşly – 3-nji sütünde, 35-39 ýaşly – 4-nji sütünde, 40 ýaş we ondan ýokary ýaşly aýallarda geçirilen kesar kesimleriň sany – 5-nji sütünde görkezilýär. 1-nji sütündäki "jemi" san 2–5-nji sütünlerdäki sanlaryň jemine deň bolýar.

## 4 BÖLÜM.
## ÖÝDE GÖWRELILERE WE ÇAGA DOGURÝANLARA SAGLYGY GORAÝYŞ KÖMEGINIŇ BERILMEGI

Bu bölüm öýde göwrelilere we çaga doguryanlara saglygy goraýyş kömeginiň berilmegi baradaky maglumatlar görkezilýär.

1-nji sütünde lukmanlar we orta saglygy goraýyş işgärler tarapyndan öýde kabul edilen dogumlarynyň sany görkezilýär. 01-nji setirde jemi dogumlaryň sanlary, 02-nji setirde şolardan dogumdan soň hassahana ýerleşdirilmedikler görkezilýär.

Dogumdan soň hassahana ýerleşdirilmedik aýallardan diri dogulan bäbekleriň sany 03-nji setirde görkezilýär, şolardan 0-6 gije-gündizlik ýaşyndaky ölen bäbekleriň sany 04-nji setirde aýratyn görkezilýär. Öli dogulan bäbekleriň sany 05-nji setirde, inçekesele garşy sanjym alanlaryň sany 06-njy setirde görkezilýär. 02-nji setirde görkezilen dogumdan soň hassahana ýerleşdirilmedik aýallaryň umumy sanyndan (07-nji setir): 10-14 ýaşly doguran aýallaryň sany 08-nji setirde, 15-19 ýaşly doguran aýallaryň sany 09-njy setirde bellenilýär.

Oba saglyk öýlerinde, merkezlerinde orta saglygy goraýyş işgärlerine gatnamalarynyň sany 9-nji setirde, şol sanda öýüne gatnamalaryny goşmak bileni 10-njy setirde görkezilýär.

## 5 BÖLÜM.
## ABORTLAR

Bu bölüm çaga düşürmegi amala aşyrýan ýatymlaýyn we gatnaw bejeriş saglygy goraýyş edaralary tarapyndan düzülýär.

Hasabata 22 doly hepdä çenli möhletdäki göwreliligiň bes edilmeginiň ähli ýagdaýlary-sebäpleri baradaky maglumatlar girizilýär.

5-nji bölümi doldurmak üçin hassahanada "Ýatymlaýyn bejeriş edaralardan çykarlan näsaglaryň hasabat kartasy" (066/h görnüş), gatnaw bejeriş edaralarynda "Saglyk öýünde, hirurgiýa otagynda geçirilen operasiýalaryň ýazgy depderçesi" (069/h görnüş) maglumatyň çeşmesi bolup hyzmat edýär. Maglumatlar hassahanada 14-nji döwlet saglyk statistiki formasy "Hassahananyň işi barada hasabat" düzülende, gatnaw bejeriş edaralarynda 1-nji döwlet saglyk statistiki formasy "Bejeriş-öňüni alyş edaralaryň işi barada hasabat"düzülende girizilýär.

01-nji setirde abortlaryň umumy sany görkezilýär, şol sanda saglygy goraýyş edarasynda ýerine ýetirilen abortlar (mini-abort goşulmazdan), şeýle hem aýallaryň hassahana düşmegine sebäp bolan saglygy goraýyş edarasynyň daşynda başlanan abortlar.

Saglygy goraýyş edarasynyň daşynda başlanan emeli abort bikanun abort diýip hasaplanýar. Saglygy goraýyş edarasynyň daşynda başlanan çaga düşmesi öz-özünden (özbaşdak) abort diýip hasaplanýar.

01-nji setirde görkezilen abortlaryň umumy sanyndan 02–06–njy setirlerde Halkara keselleriň klassifikasiýasynyň (HKSK) X gaýtadan seredilişine laýyklykda:

-02-nji setirde- ösmeýän göwrelilik;

-03-nji setirde-öz-özünden düşmek;

-04-nji setirde-emeli saglygy goraýyş görkezmeleri boýunça;

-05-nji setirde-başga görnüşleri (emeli bikanun);

-06-njy setirde- anyklanmadyk abort.

02–06-njy setirleriň ähli sütünlerinde görkezilen sanlaryň jemleri 01-nji setiriň ähli sütünlerinde görkezilen sanlaryna deň gelmelidir.

07-nji setirde abortlaryň umumy sanyndan ilkinji göwrelileriň abortlary baradaky maglumatlar görkezilýär.

08-nji setirde-göwreliligiň 12 hepde möhletine çenli abortlaryň sany baradaky maglumatlar görkezilýär, şolardan 09-njy setirde şol möhletdäki öz-özünden düşmeklik, 10-njy setirde emeli saglygy goraýyş görkezmeleri boýunça abortlar, şolardan aýratynlykda 10.1 setirde düwünçegiň doga kemislikler sebäpli.

11-nji setirde göwreliligiň 12-21 hepdelik möhletinde abortlaryň sany baradaky maglumatlar görkezilýär, şolardan 12-nji setirde şol möhletdäki öz-özünden düşmeklik.

13-nji setirde emeli saglygy goraýyş görkezmeleri boýunça abortlar, şolardan aýratynlykda (13.1 setirde) düwünçegiň doga kemislikler sebäpli we şol sanda (13.1.1 setirde) anensefaliýa sebäpli, (13.1.2) setirde Spina bifida sebäpli.

08–11-nji setirleriň ähli sütünlerinde görkezilen sanlaryň jemleri 01-nji setiriň ähli sütünlerinde görkezilen sanlaryna deň gelmelidir.

14-nji setirde abortdan soň 42 günüň dowamynda, göwrelilik bilen bagly bolan, göwrelilik (abort) ýa-da onuň alynyp barylyşy zerarly agyrlaşan haýsydyr bir sebäpden ölen aýallaryň sany görkezilýär, betbagtçylykly hadysalar ýa-da tötänleýin ýüze çykan sebäpler goşulmaýar.

Şolardan 15-nji setirde göwrelilik bilen baglanşyksyz, göwrelilik döwründe ýüze çykan ýa-da öňden bar bolan, emma göwreliligiň fiziologiki täsiri bilen agyrlaşan keselden ölen aýallaryň sany aýratyn görkezilýär; 16-njy setirde saglygy goraýyş edarasynyň daşynda başlanan emeli (bikanun) we özbaşdak abortlardan soň ölen aýallaryň sany aýratyn görkezilýär.

Göwrelilik togtatmasyndan 42 günden soň gönümel ýa-da gytaklaýyn göwrelilik we çaga düşürtmek bilen baglanyşykly sebäbe görä aýallar aradan çykan ýagdaýynda bu maglumatlar hasabata girizilmeýär, beýle ölümiň sany düşündiriş ýazgysynda görkezilip, hasabatyň ýanyna goşulýar.

17-nji setirde aýbaşy döwrüni utgaşdyrmalaryň jemi sany görkezilýär, şolardan geçirilen mini-abortlar 18-nji setirde,derman usuly bilen utgaşdyrmalaryň sany 19-njy setirde aýratyn görkezilýär. 17-nji setirde görkezilen maglumatlar 01–13-nji setirlere girizilmeýär.

Hasabatda aýallaryň ýaşlary boýunça toparlara bölmek göz öňünde tutulýar: 15 ýaşa çenli (14 ýaş 11 aý 29 gün) – 2-nji sütünde, 15–19 ýaşa çenli – 3-nji sütünde, 20–34 ýaşa çenli – 4-nji sütünde, 35 ýaşdan ýokary – 5-nji sütünde. 1-nji sütündäki "jemi" san 2–5-nji sütünlerdäki sanlaryň jemine deň bolýar.

20-nji setirde ýatgyň içinde spiral ulanýan aýallaryň sany, 20.1-nji setirde gormon kontrasepsiýany ulanýan aýallaryň sany, 20.2-nji setirde ýatgyň içine spiral girizileniň sany baradaky maglumatlar berilýär.

## 6 BÖLÜM.
## GÖWRELILERIŇ, DOGUMDAKY WE TÄZE DOGURAN AÝALLARYŇ ÖLÜMININ SEBÄPLERI

Göwrelileriň, dogumdaky we täze doguran aýallaryň ölüminiň sebäpleri baradaky maglumatlar görkezilýär, ölümiň bejeriş-öňüni alyş edaranyň haýsy bölüminde bolandygyna garamazdan ölen aýallaryň ählisi hasaba alynýar.

Bütin dünýä saglygy goraýyş guramasy tarapyndan göwrelilik döwründe ýa-da ondan soňky 42 günüň dowamynda göwrelilik bilen bagly bolan, göwrelilik ýa-da onuň alynyp barylyşy zerarly agyrlaşan haýsydyr bir sebäpler zerarly (betbagytçylykly hadysalar ýa-da tötänleýyn ýüze çykan sebäpler goşulmaýar) zenan ölümi ene ölümi diýilip kesgitlenýär (möhletine we göwreliligiň lokalizasiýasyna garamazdan).

Maglumat "Ýatymlaýyn bejeriş edaralardan çykarlan näsaglaryň hasabat kartasyndan"(066/h görnüş) alynýar.

Her bir aýratyn ýagdaýda, aýalyň ölümi göwrelilik, dogum we dogumdan soňky döwür bilen baglanyşykly (01-07-nji setirler) ýa-da baglanyşykly däl (08-10-njy setirler) keseliň (gaýra üzülmäniň) netijesinde bolandygy baradaky mesele ilkinji nobatda çözülmelidir.

07-nji setir "ýokarda görkezilmedik beýleki sebäpler" doldurylanda 02-06-njy setirlerde görkezilmedik, ýöne 01-nji setire degişli sebäpler we olaryň kody bellenmeli.

Jemi ölen aýallaryň sany 11-nji setirde görkezilýär we 01-08-nji setirlerde görkezilen sanlaryň jemine deň gelmelidir.

4-nji sütünde 1, 2, 3-nji sütünlerde görkezilen sanlaryň jemine deň gelmelidir.

## 7 BÖLÜM.
## DOGUMY AGYRLAŞDYRAN KESELLER
## (DOGUMYŇ WE DOGUMDAN SOŇKY DÖWRÜŇ GAÝRY ÜZÜLMELERI)

7-nji bölümde dogumyň we dogumdan soňky döwrüň gaýry üzülmeleri baradaky maglumatlar görkezilýär.

Maglumat "Ýatymlaýyn bejeriş dogumlaryň edaralarynda ýazgy depderçesinden" (010/h görnüş) we çaga dogrum edaralardan başga ýerde doguran aýallar baradaky, dogumda we dogumdan soňky döwürde bolan agyrlaşmalar baradaky maglumat "Dogumyň taryhyndan" (096/h görnüş) alynýar.

01-nji setirde aşakda, çetde, bölekleýin ýa-da doly öňde ýerleşen çaga ýoldaşyndan gan akmasynyň ýüze çykmagy sebäpli, şeýle-de çaga ýoldaşyndaky näsazlykdan dogumdan öň duýdansyz gan akmasynyň döremeginden ýa-da kadaly ýerleşen çaga ýoldaşynyň wagtyndan öň

gopmagy sebäpli gan akmasy zerarly göwreliligi agyrlaşan aýallar baradaky maglumatlar hasaba alynýar.

02-nji setirde ganyň lagtalanmagynyň bozulmagy, ýagny afibrinemiýa, gipofibrinogenemiýa, giperfibrinoliz bilen baglanyşykly dogum wagtynda gan akmasy zerarly göwreliligi agyrlaşan aýallar baradaky maglumat hasaba alynýar.

03-nji setirde göwrelilik, dogum we dogumdan soňky döwürde çişler, proteinuriýa we gipertenziw bozulmalary zerarly göwreliligi agyrlaşan aýallar baradaky maglumat hasaba alynýar, şolardan preeklampsiýa – 04-nji, eklampsiýa – 05-nji setirlerde aýratyn görkezilýär.

06–10-njy setirlerde dogum wagtynda bolan ýa-da dogum döwürde ýüze çykarylan we dogumy agyrlaşdyran keseller: peşew-jyns ulgamynyň keselleri, süýji keseli, galkan görnüşli mäziniň keselleri, II-III derejeli gan azlyk keselleri baradaky maglumatlar bellenilýär.

11-nji setirde göwreliligi agyrlaşdyrýan howply bolmadyk essensial gipertoniýanyň, böwrekleriň ikilenji gipertoniýasynyň, tranzitor gipertoniýanyň ähli ýagdaýlary görkezilýär.

12-nji setirde dogum towunyň näsazlyklary – ilkinji, ikilenji, beýleki anyklanylmadyk dogum işjeňliginiň gowşaklygy, okgunly dogumlar, ýatgy burgylarynyň diskoordinasiýasy, dogumyň uzaga çekmegi (dogumyň 1-nji ýa-da 2-nji döwürleriniň uzaga çekmegi, köpdüwünçekli dogumlarda ikinji çaganyň dogmasynyň saklanmagy) baradaky maglumatlar görkezilýär.

13-nji setirde aşakda görkezilen ýagdaýlar sebäpli kynçylykly geçen dogumlar baradaky maglumatlar ýazylýar: dogum wagtynda çaganyň nädogry ýatmagy (durnuksyz ýatmagy, ýanbaşy bilen, kese ýa-da gyşyk ýatmagy, çaganyň ýüzi ýa-da maňlaýy bilen öňde gelmegi); çanaklyk süňküniň kemislikleri;ýatgynyň we çanaklygyň ýumşak dokumalarynyň kemislikleri (ýatgynyň doga kemislikleri, ýatgynyň fibromiomasy, ýatgyda tyg yzy, göwreli ýatga zeper ýetmegi we retrowersiýasy, istmiko-serwikal ýetmezçiligi we ýatgy boýunjygynyň beýleki patologiýalary (polip, çiş, ýatgy boýunjygynda geçirilen operasiýalar), jynshananyň, wulwanyň doga ýa-da soň ýüze çykan kemislikleri (wulwanyň wena gan damarlarynyň warikoz giňelmesinden başga);
-dogum induksiýasynyň netijesizligi we beýleki anyklanylmadyk kynçylykly dogumlar.

14-nji setirde göbegiň patologiki ýagdaýy, ýagny göbegiň gaçmagy, göbegiň boýnuň daşyna gysylma bilen oralmagy, göbegiň çolaşmagy, gysga göbek, gan damarynyň öňde ýerleşmegi (vasa praevia), göbegiň gan damarlarynyň zeperlenmesi we göbegiň beýleki patologiki ýagdaýlary zerarly agyrlaşan dogumlar baradaky maglumatlar bellenilýär.

15-nji setirde ýamyzyň II–III-nji derejedäki ýyrtylmagy (şol sanda perineo ýa-da epiziotomiýa geçirilenden soň) baradaky maglumatlar görkezilýär.

16-njy setirde dogumdan öň, dogum wagtynda we dogumdan soňky döwründe, şeýle hem gurallaryň täsiri bilen bolan ýatgynyň ýyrtylmagy baradaky maglumatlar görkezilýär, şolardan 17-nji setirde bejeriş edaralarynyň daşynda bolan ýatgynyň ýyrtylmagy baradaky maglumatlar görkezilýär.

18-nji setirde gasyk birleşmesiniň ýazmagy bilen gaýra üzülen dogumlar baradaky maglumatlar ýazylýar.

19-njy setirde çaga ýoldaşynyň bölünip çykmasynyň saklanmagy zerarly dogumyň 3-nji döwründäki ýüze çykan gan akmalary barada, şeýle-de çaga ýoldaşynyň bölekleriniň ýa-da çaga bardalarynyň ýatgynyň içinde galmagy zerarly dogumdan soňky döwürde ýüze çykan irki we giçki gan akmalary gipo we atoniki gan akmalary baradaky maglumatlar bellenilýär.

20-nji setirde dogumdan soňky sepsis we ýaýran dogumdan soňky ýokanç ýagdaýlary (endometrit, metroendometrit, panmetrit, dogumdan soňky ysytma, çanaklygyň flegmonasy, çanaklyk sepsisi, peritonit) görkezilýär, şolardan 21-nji setirde kesar kesiminden soňky peritonit aýratyn görkezilýär.

22-nji setirde dogumdan soňky döwürde wenoz gaýra üzülmeleri, ýagny dogumdan soňky döwürde ýüzleý tromboflebit, dogumdan soňky döwürde çuňňur wena damarlarynyň trombozy, dogumdan soňky çanaklyk tromboflebiti, serebralwenalaryň trombozy, babasyl we beýleki dogumdan soňky döwürde wena gaýraüzülmeleri baradaky maglumatlar görkezilýär**.**

Geçirilen akuşer amallary (akuşer gysgyjynyň goýulmagy, wakuum-ekstraksiýa, kesar kesimi, çaga düwünçeginiň bölekläp alynmagy, dogum wagtynda ýamyzyň kesilmegi) baradaky maglumat №14-saglyk "Hassahananyň işi barada hasabat"döwlet statistiki hasabat formasy düzülende girizilýär we bu bölümde görkezilmeýär.

**8 BÖLÜM.**
**BÄBEKLER BARADA MAGLUMATLAR**

8-nji bölümde täze doglan bäbekler baradaky maglumatlar görkezilýär.

8.1. bölümçede 1-nji sütünde diri we öli dogulanlaryň we ilkinji 0–6 gije-gündizlik ýaşynda ölenleriň umumy sany görkezilýär, 2–6-njy sütünlerinde bolsa doglandaky agramy boýunça, 500 gramdan başlap diri dogulanlar (01-nji setir), ilkinji 0–6 gije-gündizlik ýaşynda ölenler (02-nji setir) we öli dogulanlar (03, 04, 05-nji setirler) baradaky maglumatlar berilýär.

7–28 gije-gündizlik ýaşynda ölenler baradaky maglumat №14-saglyk "Hassahananyň işi barada hasabat"döwlet statistiki hasabat formasy düzülende girizilýär we bu bölümde görkezilmeýär.

500 gram we ondan ýokary agramda diri dogulan bäbekler ideg etmäge degişlidir.

Dogulanda 500 gram we ondan ýokary agramda bolan diri we öli bäbekleriň ählisi saglygy goraýyş edaralarynyň saglygy goraýyş resminamalarynda hasaba alynmaga degişlidir.

Dogulanda 500 gram we ondan ýokary agramda bolan diri we öli bäbekleriň ählisini döwlet hasabyna RÝaNÝa edarasy alýar (TSG we DSM-niň buýrugy bilen tassyklanan “BSGG-nyň teklibi boýunça çaganyň diri we öli dogluşynyň görkezjileriniň hasaba alynyşynyň düzgünnamasy”).

03-nji setirde görkezilen öli dogulanlaryň sanyndan, 04-nji setirde antenatal döwründe ölenleriň sany, 05-nji setirde intranatal döwründe ölenleriň sany baradaky maglumat aýratyn görkezilýär.

Ähli setirler boýunça 2, 3, 4, we 5-nji sütünleriň jemi 1-nji sütündäki san bilen deň gelmelidir. 6-njy sütündäki san dogulanlaryň umumy sanyna (1-nji sütüne) goşulmaýar.

7-nji sütünde diri we öli dogulanlaryň we ölenleriň umumy sanyndan ýokarda agzalan düzgünnama we buýruk bilen kesgitlenen kriteriýalara laýyklykda wagtyndan öň dogulan çagalar baradaky maglumatlar ýazylýar. Wagtyndan öň dogulan çagalaryň sany ähli setirler boýunça 2, 3, 4, 5-nji sütünleriň jeminden köp bolmaly däldir.

8-nji sütünde diri we öli dogulanlaryň we ölenleriň umumy sanyndan kesar kesimi arkaly dogulan çagalar baradaky maglumatlar ýazylýar.

Diri we öli dogulanlaryň sany (1-nji sütünin 01-nji we 3-nji setirlerindäki sanlaryň jemi) 3-nji bölümiň 1-nji (hassahanada kabul edilen dogumlaryň sany), 3-nji (çaga dogurylýan bölümden başga ýerde bolan dogumlaryň sany) we 5-nji (köp düwünçekli dogumlar) bentlerindäki sanlaryň jemine deň gelmelidir.

8.2-nji bölümçäniň 01-nji setirinde beýleki ýatymlaýyn bejeriş edaralara we bölümlere geçirilen (saglygy bejerişiň içinde ondan-oňa geçirilýänler goşulmaýar) bäbekler baradaky maglumatlar, 02-nji setirinde bäbeklere inçekesele garşy edilen sanjymlaryň sany, 03-nji setirinde wirusly gepatit "B" görnüşine garşy sanjymlaryň sany, 04-nji setirinde poliomiýelite garşy geçirilen sanjymlaryň sany baradaky maglumatlar görkezilýär.

8.3-nji bölümçede doglandaky agramy boýunça 0–6 gije-gündizlik ýaşynda bäbekleriň keselleri we ölümiň sebäpleri baradaky maglumatlar görkezilýär.

1.0-nji setirde näsag dogulan, keselli dogulan bäbekleriň we öli dogulanlaryň umumy sany baradaky maglumatlar berilýär.

1-nji, 2-nji, 3-nji sütünlerde agramy 500-999 gram aralygyndaky bäbekleriň, 4-nji, 5-nji, 6-njy sütünlerde 1000–1499 gram agramly aralygyndaky bäbekleriň, 7, 8, 9-njy sütünlerde 1500–2499 gram agramly aralygyndaky bäbekleriň, 10, 11, 12-nji sütünlerde 2500 we ondan ýokary gram agramly aralygyndaky bäbekleriň, 13, 14, 15-nji sütünlerde 4000 we ondan ýokary gram agramly aralygyndaky bäbekleriň ähli keselleri, şikesleri, ölüminiň we öli dogulmagynyň sebäpleri baradaky maglumatlar görkezilýär.

8.1-nji bölümçäniň 02-nji setiriniň 2-6-njy sütünlerinde görkezilen ilkinji 0-6 gije-gündizlik ýaşynda ölenleriň sany degişli agramlary boýunça 8.3-nji bölümçäniň 1.0-nji setiriniň 2, 5, 8, 11, 14-nji sütünlerdäki sanlara deň bolmalydyr.

8.1-nji bölümçäniň 03-nji setiriniň 2–6-njy sütünlerinde görkezilen öli dogulanlaryň sany degişli agramlary boýunça 8.3-nji bölümçäniň 01-nji setiriniň 3, 6, 9, 12, 15-nji sütünlerinde görke-zilen sanlara gabat gelmelidir.

8.3-nji bölümçäniň 1, 4, 7, 10, 13-nji sütünleriniň 02-nji we 03-nji setirlerindäki sanlarynyň jemi 1.0-nji setirdäki sandan artyk bolup biler, sebäbi 1.0-nji setirde näsag çagalaryň sany görkezilýär, beýleki setirlerde bolsa olaryň keselleriniň sany görkezilýär.

2, 5, 8, 11, 14-nji sütünleriniň, şeýle-de 3, 6, 9, 12, 15-nji sütünleriniň 2.0–3.0-nji setirlerindäki sanlarynyň jemi 1.0-nji setirdäki sana deň bolmalydyr.

8.3-nji bölümçäniň 3.19 setiriniň 1, 4, 7, 10, 13-nji sütünlerindäki «bäbekleriň beýleki keselle-rine» KHSK-ň X gaýtadan seredilişiniň şifrini belläp, sanyny görkezmeli.

8.3-nji bölümçäniň 3.1-3.19 setirlerindäki sanlaryň jemi ähli sütünleriň 3.0-nji setirindäki san bilen deň bolmalydyr.

8.3-nji bölümçäniň 2.0-nji setirinde görkezilen doga kemislikleriň kesgitlemesi KHSK-ň X gaýtadan seredilişine laýyklykda goýulmaly we ol anyklaýyş, laborator we instrumental barlaglaryň netijesi bilen tassyklanmaly.

**Durmuş statistikasy müdirligi.**